***Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan döwlet syýasatynda raýatlaryň saglygyny goramak we berkitmek, sagdyn durmuş ýörelgesini, köpçülikleýin bedenterbiýäni jemgyýetimiziň ähli ugurlarynda rowaçlandyrmak, sporty giň gerimde ösdürmek hemişe ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda durýar. Sebäbi ilatyň bedenterbiýe we sport bilen yzygiderli meşgullanmagy jemgyýetiň sazlaşykly ösmeginde esasy orun eýeleýär.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri sagdyn durmuş ýörelgesini durmuşa giňden ornaşdyrmagyň we her bir raýatyň bu asylly ýörelgä eýermegini gazanmagyň, türkmen sportunyň abraýyny has-da belende götermegiň zamanasy bolup dabaralanýar. Bedenterbiýäni we sporty hemişelik hemra edinip, sagdyn durmuş ýörelgelerine berk eýermek üçin güneşli Diýarymyzyň islendik künjünde zerur bolan ähli şert-mümkinçilikler bar. Döwrebap stadionlar, bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary, sportuň dürli ugurlaryna ýöriteleşdirilen mekdepler, sport meýdançalary bagtyýar raýatlarymyzyň hyzmatynda. Döredilýän şert-mümkinçilikler halkymyzyň sagdyn durmuş ýörelgelerini hemişelik hemra edinmeklerinde möhüm ähmiýetlidir.

Geçen ýylyň 6-njy sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmegi ýurdumyz üçin örän uly abraýdyr.  BMG-ä agza ýurtlaryň 87-si bu başlangyjy biragyzdan goldady. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň Çözgüdine laýyklykda, geçen ýyl Aşgabat şäheri «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edildi. Bu bolsa Garaşsyz Watanymyzda sporty ösdürmek babatda alnyp barylýan işlere berlen ýokary bahadyr.

Goý, halkymyzyň saglygy barada uly aladalary edýän hem-de sagdyn durmuş ýörelgeleriniň rowaçlanmagy ugrunda tutumly işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolup, il-ýurt ähmiýetli tutumlary hemişe üstünliklere beslensin!

**Nowruz JALAÝEW,**
**Tejen etrabynyň sport mekdebiniň instruktor-usulyýetçisi.**

Все права защищены